# BAHARDA

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
BAHARDA BAHARDA

Gözüm aýryp bilmän gözel görkünden,
Sallanjyrap geçip barýan gözelleň,
Serde hyýal çykyp gidýär erkimden,
Dünýäsine girip şygyr-gazallaň.

Bahar gelip açylanda bägüller,
Alyp gidýär ýatlamaly meýdana,
Ýüregmi gozgaýar juwan köňüller,
Zemin üsti yşk badaly meýhana.

Ol kenara aşyk bolan derek dek,
Gursakdaky söýgim gerýän şemala,
Yşgym her gözelde bölek -bölek dek,
Özümi äleme serýän hamala.

Her gözelde görüp zenan näzini,
Gözelligiň süýji lebinden dadýan,
Diňläp dünýäň gözellerniň sazyny,
Öýdäki dilberiň aýdymyn aýdýan. Goşgular